# Derdimi paýlaşsana eý sary güýzüm!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Derdimi paýlaşsana eý sary güýzüm! DERDIMI PAÝLAŞSANA EÝ SARY GÜÝZÜM!



Derdimi paýlaşsana eý sary güýzüm!
Goy göwnüm götersin mymyk şemalyñ,
Bilýan, sen ýene-de dözmersiñ maña,
Ýumsak şemal bolup sorarsyñ halym.
Jomart güýzüm senden birje haýyşym
Ýar ýodasyn ýüregime sapsana,
Birmahalky ýitip giden söýgimi,

Sen bu gün oz gujagyñdan tapsana!

Bir akan ýerinden akarmyş aryk,
Aksyn, ýene ýiten söýgi arygy,
Ak ýagsyña ezileýin ýar bilen
Güýzüm, senden göwnüm tapsyn aramy

Soñra gezek berseñ garly gyşma,
Ak garlar ýüegime nuryny döker.
Kükürãp gelen ýazam meniñ kalbyma,
Ýitmejek söýginiñ nagşyny çeker.

Selbinýaz DURDYÝEWA. Goşgular